Türkmenistanyň Statistika
baradaky döwlet komitetiniň
2019-njy ýylyň 18-nji noýabryndaky
№ 126 buýrugy bilen tassyklanyldy

**№ 29-oh ýyllyk «Oba hojalyk ekinleriniň meýdany we ýygnalan hasyl barada hasabat» döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**
**GOLLANMA**

№ 29-oh döwlet statistik hasabat formasyny daýhan birleşikleri, edaralaryň we kärhanalaryň kömekçi hojalyklary hem-de oba hojalyk önümleri öndürýän beýleki kärhanalary, daýhan hojalyklary we geňeşlikler tarapyndan ýylda bir gezek düzülýär.

## 1 bölüm. Oba hojalyk ekinleri, bakjaçylyk (gök önümçilik) we bagçylyk önümleri

1-nji **«Anyklanan ekin meýdany»** sütünde № 4-oh formasynda görkezilen anyklanan ekin meýdany ýazylýar, güýz ekilen ekinleriň doly heläk bolan ölçegini hasaba almak bilen, şeýle-de hojalyk üçin ulanylan ekinleri (däne, gök otlar, bede we ş. m.).

Eger däneli ekinler bede, gök otlar ýa-da silos üçin ulanylan bolsa we № 4-oh döwlet statistik hasabat formada birýyllyk otlaryň ekin meýdany ýa-da silos üçin ekilen ekin ýaly hasaba alnan bolsa, iş ýüzünde dänelik görnüşde ýygnalan bolsa, № 29-oh döwlet statistik hasabat formada birýyllyk ösümlikler toparynda ýa-da siloslyk ekinler toparynda görkezilmän, degişlilikdäki däneli ekinler toparynda görkezilýär.

Mysal. Hojalykda ýazda 20 ga ýere silos üçin mekgejöwen ekildi. Hasabat döwrüne çenli diňe 5 ga mekgejöweni siloslyk üçin ordular, galan 15 ga-ny dänelik üçin ýygnadylar. Şu halatda № 29-oh döwlet statistik hasabat formada silos üçin ýygnalan 5 ga mekgejöweni silos üçin mekgejöwen diýen setirde görkezmek gerek, galan 15 ga mekgejöweni **«mekgejöwen»** diýen setirde görkezmeli.

Eger ekinleriň käbir bölegi (heläk bolmadyklary) ýazda dänelik üçin niýetlenen bolsa, emma iş ýüzünde (kadadan çykma hökmünde) ýygnalyp, bede, gök otlar, silos üçin, şeýle-de ownuk (granul), kerpiç (briket) ot we ş. m. almak üçin ulanylan bolsa, ol görnüş № 29-oh döwlet statistik hasabat formada birýyllyk otlar toparynda ýa-da siloslyk ekin hökmünde görkezilýär, ýöne şu ýerde dänelik ekinleriň ot-iýmlik ekine geçirilmeginiň sebäplerini hökman düşündirmeli.

Käbir ekinler (mysal üçin, şaly, dary) dänelik üçin ekilýär, şol sebäpden olary birýyllyk otlara ýa-da siloslyk ekinlere öwürmek bolmaýar.

Tomus döwründe heläk bolan güýzlük we ýazlyk ekinler, eger olar hatda ot-iým hökmünde ulanylan hem bolsa, ýokarda görkezilişi ýaly, başga hasabata geçirilmeýär we bu hasabatda öňki bolşy ýaly görkezilýär.

2-nji **«Hasyl ýygnalan umumy meýdan»** sütünde oba hojalyk ekinleriniň hasyl ýygnalan meýdany görkezilýär.

3-nji **«Ähli meýdandan ýygnalan hasyl»** sütünde oba hojalyk ekinleriniň ähli ýygnalan hasyly görkezilýär. Ýygnalan hasyl bitin sanlarda görkezilýär. Hasyl ýygnalan meýdanyň we ýygnalan hasylyň mukdarynyň maglumatlaryny № 1-oh we 1–daýhan formalarynyň maglumatlary bilen deňeşdirmeli.

4-nji **«Ortaça hasyllylygy»** sütünde 1 gektaryň ortaça hasyllygy bitin sentnerde görkezilýär, muny 3-nji sütüni (jemi ýygnalan hasyl) 1-nji sütüne (anyklanan ekin meýdany) bölmek arkaly hasaplaýarlar. Ähli oba hojalyk ekinleriniň ýygnalan bir gektarynyň ondan birine (0,1) çenli takyklykda kesgitlenilýär.

5-nji **«3-nji sütünden, gaýtadan ekilen ýerlerden ýygnalan hasyl»** sütünde gaýtadan ekilen, aralyk, hatarara ekinlerden ýygnalan hasyl görkezilýär.

01-nji **«Däneli ekinler, kösükli we ýagy alynýan ekinleri»** setirde ekin meýdany, ýygnalan hasyly we hasyllylygy görkezilýär.

02-nji **«Geçen ýylyň güýzünde ähli ekilen güýzlük-dänelik we gök ot üçin»** setirde geçen ýylyň güýzünde ekilen güýzlük-dänelik we gök ot üçin ekin meýdany görkezilýär.

03-nji **«şondan ýazlyk ekinleriň ekişi tamamlanýança doly zaýa bolany»** setirde hojalykda köpçilikleýin ýaz ekişiniň başyndan başlap doly heläk bolan güýzlük ekinleriň meýdany (şol ýerleriň ýazlyk ekinleri üçin gaýtadan ekilenligine bagly bolmazdan) görkezilýär.

04-nji **«Ýazlyk ekinleriň ekişi tamamlanýança dänelik üçin ekilen güýzlükden zaýalanman galany»** setirde ýazlyk ekinleriň ekişi tamamlanýança dänelik üçin ekilen güýzlükden zaýalanman galan meýdan görkezilýär.

05-nji **«Däneli ekinler - hemmesi»** setirde däneli ekinleriň ekin meýdany, ýygnalan hasyly we hasyllylygy görkezilýär.

06-13-njy setirlerde **şol sanda güýzlük bugdaý, ýazlyk bugdaý, mekgejöwen, güzlük arpa, ýazlyk arpa, süle, dänelik sorgo (jöwen, jugara) we beýleki däneli ekinler (çowdary)** olaryň ekin meýdany, ýygnalan hasyly we hasyllylygy aýratynlykda görkezilýär.

14-nji **«Kösükli ekinler»** setirde ekin meýdany, ýygnalan hasyly we hasyllylygy görkezilýär.

15, 16, 17-nji **şol sanda nohut, noýba we beýleki kösükliler (mäş, nut)** diýen setirlerde olaryň ekin meýdany, ýygnalan hasyly we hasyllylygy aýratynlykda görkezilýär.

18-nji **«Ýagy alynýan ösümlikler we olaryň tohumlary»** setirde olaryň ekin meýdany, ýygnalan hasyly we hasyllylygy görkezilýär.

19, 20, 21, 22 setirlerde şol sanda ýer hozy, günebakar, künji we beýleki toparlara goşulmadyk özünde ýag saklaýan gaýry çigitler aýratynlykda görkezilýär.

23-nji setirde **«Şaly»** ekin meýdany, ýygnalan hasyly we hasyllylygy görkezilýär.

24-nji **«Gök ekinler we bakja, köki miweliler we köki hasylly ekinler»** diýen setirde ekin meýdany, ýygnalan hasyly we hasyllylygy, 25, 28, 31, 38, 45 we 47-nji setirlerde ekinler aýratynlykda görkezilýär.

46-nji **«Gök önümler – hemmesi»** setirde olaryň ekin meýdany, ýygnalan hasyly we hasyllylygy, ýaprakly ýa-da baldakly gök ekinler, gaýry miweli gök ekinler, kök görnüşli, sogan düýpli ýa-da köki hasylly gök ekinler we beýleki toparlara goşulmadyk ter gök ekinleri goşmak bilen görkezilýär.

47-nji **«Kartoşka»** diýen setirde ýazlyk we güýzlik kartoşkanyň ekin meýdany, ýygnalan hasyly we hasyllylygy görkezilýär.

48-nji **«Gant şugundyry (gaýtadan işlemek üçin)»** setirde gant zawodlarynda gaýtadan işlemek üçin niýetlenen meýdanlardan ýygnalan gant şugundyry, 49-njy setide tohumlyk üçin ekilen gant şugundyry görkezilýär.

50-nji **«Süýümli we gabygy süýümli ösümlikler»**, 51-nji setide **«Gowaça»,** 52-nji setirde **«şondan: inçe süýümli»** olaryň ekin meýdany, ýygnalan hasyly we hasyllylygy görkezilýär.

53-nji **«Beýleki ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek»** diýen setirde dermanlyk ösümlikleriň ekin meýdany, ýygnalan hasyly (esasy farmasewtikada ulanylýar) görkezilýär.

54-nji **«Ot-iýmlik köki miweliler (iýmlik şugundyr, turneps we beýlekiler)»** diýen setirde ekin meýdany, ýygnalan hasyly we hasyllylygy, 55-nji setide mal iými ücin gant şugundyry, 56-njy setirde ot-iýmlik bakja ekinleri görkezilýär.

57-nji **«Siloslyk, gök ot we senaž üçin mekgejöwen (gök palajyň agramy) - ählisi»** diýen setirde gök massanyň ekin meýdany we alnan hasyly, 58-nji setirde siloslyk mekgejöweni we 59-njy setirde gök iým üçin görkezilýär. Mallara öri meýdanda iýmlendirilen mekgejöweniň hasyly hasabatda görkezilmeýär.

60-njy **«Siloslyk ekinler (mekgejöwenden başga)»** setirde ähli siloslyk ekinleriň meýdany (mekgejöwenden başga) we diňe şol meýdandan alnan gök massanyň hasyly görkezilýär. Ýabany ösýän ösümliklerden, kelemiň ýapraklaryndan, kartoşkanyň (ýeralmanyň) biýarasyndan, köki miweli ot-iýmliklerden, gant şugundyryndan we şuňa meňzeşlerden, şeýle-de tebigy ot

ýatyrylýan ýerleriň otlaryndan silos etmäge harçlananlary şu görkezijä girizilmeýär. 61-nji setirde şolardan ýazlyk ekilmedik meýdandan silos üçin güýzlükden ulanylany görkezilýär.

62-67-nji **«Birýyllyk otlar - ählisi»** setirlerde ýazlyk ekinleri ekilmedik meýdandaky ot-iým hökmünde ulanylan güýzlük ekinleriň meýdany görkezilýär. Gök ot-iým we silos üçin ulanylan, soňra şu meýdandan, ýaz ekişi gutarmanka, ýazlyk ekinler ekilen, güýzlük ekinleriň meýdany aýratyn setirde, aralyk ekinler hökmünde görkezilmeli.

68-71-nji **«Şu ýyl ekilen köpýyllyk örtüksiz otlar, geçen ýylyň güýzünde ekileni hem goşulanda - ählisi»** setirlerde bede, gök gök ot, senaž, silos, ösümlik uny we ownuk (granul) hem-de kerpiç ot (briket) almak üçin (gök palajyň agramy) tohum üçin niýetlenen ekin meýdany görkezilýär, şuňa geçen ýylyň güýzünde ekilen örtüksiz köpýyllyk otlar girýär.

72-76-njy **Öňki ýyllarda ekilen köpýyllyk otlar** setirlerde bede üçin, gök ot, senaž, silos, ösümlik uny we ownuk (granul) hem-de kerpiç ot (briket) almak üçin (gök palajyň agramy), öri meýdanda mal bakmak üçin, tohum üçin (ähli orumyň) ýaz ekişi tamamlanandan soň saklanyp galan meýdan görkezilýär.

77-nji **«Tohum üçin köpýyllyk otlar - ählisi»** setirde ekin meýdany, ýygnalan hasyly we hasyllylygy, 78-nji setirde şolardan ýorunja görkezilýär.

79-njy **«Beýleki ot-iýmlik ekinler»** setirde beýleki ot-iýmlik ekinleriň anyklanan ekin meýdany görkezilýär.

80-nji **«Ot-iýmlik ekinler-hemmesi»** diýen setirde ähli ot-iýmlik ekinleriniň anyklanan ekin meýdany (iýmlik käşir, şugundyr, kädi, garpyz we ş.m.) görkezilýär.

81-nji **«Üsti ýapyk şertlerde ýygnalan gök önüm»** setirde üsti ýapyk şertlerde ýygnalan gök önümiň hasyly görkezilýär.

82-nji **«Ähli däneli we kösükli ekinler»** setirde ähli däneli we kösükli ekinleriň jemi ekin meýdany, ýygnalan hasyly we hasyllylygy görkezilýär.

83-nji **«Beýleki tehniki ekinler»** setirde tümmül derejesine ýeten sübseligiň ekin meýdany görkezilýär, beýleki tehniki ekinleriň toparyna girýär.

84-nji **«Tehniki ekinleriň jemi»** diýen setirde ähli tehniki ekinleriň (gowaça, şugundyr, künji, günebakar we ş.m.) anyklanan meýdany görkezilýär.

85-nji **«Gök önümler - ähli açyk meýdanda we ýapyk desgalarda»** setirde ahli açyk we ýapyk desgalarda ýygnalan gök önümiň hasyly görkezilýär.

86-njy **«Umumy ekin meýdany»** setirde ähli oba hojalyk ekinleriň umumy meýdany görkezilýär.

## 2 bölüm. Üsti ýapyk şertlerde öndürilen gök önümler

Bu bölümde üsti ýapyk sertlerde ekilen gök önümleriň meýdany we ýygnalan hasyly görkezilýär.

01-nji **«Jemi ulanylýan meýdan»** diýen setirde teplisa, parnik ýyladylýan topragyň ulanylýan meýdany we birinji ekin dolanyşygynda şu ýylyň hasylyny almak üçin plýonkanyň aşagynda ekilen ekinler görkezilýär. Bularyň hemmesi № 1-oh hasabatyň ikinji bölümi bilen gabat gelmeli.

02-nji **«Ähli ekin meýdanlaryndan ýygnalan gök önümler»** diýen setirde üsti ýapyk şertlerde ulanylýan desgalarda ýygnalan gök önümler aýratyn görnüşler boýunça hasaba alynýar.

## 3 bölüm. Içgileri we ýakymly ysly zatlary öndürmek üçin miweler we hozmiweli ekinler

№ 29-oh hasabat formanyň 3-nji bölümi aşakdaky ýaly doldurylýar.

1-nji sütünde ähli agaçlarynyň meýdany görkezilýär, şeýle hem 2-nji sütünde şondan: miwe berýän baglar üstümizdäki ýylda hasyl berenligine ýa-da bermäňligine garamazdan, miwe bermeli ýaşyna ýeten ähli agaçlar görkezilýär.

№ 29-oh formanyň üçünji bölüminiň 1-nji we 2-nji sütünlerinde miweli, ir-iýmişli we üzüm nahallarynyň umumy we hasyl berýän meýdany görkezilýär, muňa hasapdan çykarylan (hasapdan haçan çykarylanyna garamazdan), ýöne entek köwlenmedik meýdanlar goşulýar, şu sütünlere bagyň aýry-aýry selçeňleşen bölekleri (selçeňlik derejesine garamazdan) hem girizilmeli. № 29-oh döwlet statistik hasabat formasynyň şu bölüminiň 2-nji sütünine hasabat ýylyndaky hasyl, ýöne hasabat düzülýän pursata çenli köwlenip taşlanan ýerler (meýdanlar) hem girizilýär.

Hojalykda şol bir bölümde aýry-aýry ekilen dürli topara degişli (çigitli we şänikli) agaçlar bar bolsa, umumy ekin meýdany şol toparlar (çigitli we şänikli) boýunça paýlaýarlar, her tohumyň agaçlarynyň sanyny bolsa şol toparyň ilki başda 1 gektara düşýän (kabul edilen) sanyna geçirýärler. Eger miweli agaçlaryň şu usul bilen her topragyň hasaplanan meýdanlarynyň jemi aýry-aýry bölümlerde ekilen agaçlaryň iş ýüzündäki hakyky meýdany bilen deň (gabat) gelmese, onda tapawut tohumlylyk toparlary boýunça hasaplanan meýdanlara deň ölçegli paýlanmalydyr.

Mysal: Hojalykda çigitli we şänikli agaçlaryň 25 gektarlyk garyşyk bagy bar. Bu bagda hakyky 2500 sany çigitli we 9600 sany şänikli agaç bar. Garalýan (hojalyk) etrap üçin 1 ga-da agaçlaryň sany, kabul edilen shema görä, çigitliler üçin 312, şänikliler üçin 800 bolmaly.

25 ga meýdanyň paýlanyşy aşakdaky ýaly geçirilýär: 1 ga-da, kabul edilen poçta (ölçeg) boýunça, ekilmeli agaçlaryň sanyndan ugur alyp, bagyň meýdany kesgitlenýär.

$$2500 : 312 = 8 \text{ ga}$$
$$9600 : 800 = 12 \text{ ga}$$

Soňra bagyň çigitliler we şänikliler boýunça hasaplanan meýdany göterimde kesgitlenýär.

$$\text{Çigitliler} - \frac{8x100}{8+12} = 40\%$$

$$\text{Şänikliler} - \frac{12x100}{8+12} = 60\%$$

Şeýlelik bilen, bagyň eýeleýän umumy meýdanynyň 25 ga-ny, 40%-ini ýa-da 10 ga (40*25/100) çigitliler we 60%-ini ýa-da 15 ga (60*25/100) şänikli agaçlar eýeleýär. Miweli, ir-iýmişli we üzüm agaçlaryň meýdany bütin san bilen gektarda görkezilýär.

3-nji sütünde ähli meýdandan ýygnalan hasyl (miwe berýän ýaşdaky agaçlardan we entäk ulanylyşa berilmedik ýaş agaçlardan) görkezilýär, 4-nji sütünde bolsa şondan miwe berýän ýaşa ýeten agaçlardan alnan hasyl görkezilýär. Ir-iýmişliler boýunça aýry-aýry we hatarara ekilenlerden alnan umumy hasyl görkezilýär.

3-nji we 4-nji sütünlerden hasabatdan soň garaşylýan goşmaça alynjak hasyl hasaba alynýar. Ýabany ösýän miweli agaçlar we olardan alnan önümler hasaba goşulmaýar.

**Oba hojalygynyň statistikasy**
**we seljerişi müdirligi**